# Ýama (Hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 18 марта, 2025



***Nikolaý NOSOW,***
***rus ýazyjysy***

Bobkanyň üýtgeşik balagy bardy: ýaşylymtyl, has dogrusyny aýtsak, esger lybasynyň reňkindedi. Bobka ony örän eý görerdi hem-de hemişe öwnerdi:

– Oglanlar, meniň nähili balagymyň bardygyna bir serediň! Edil esgerleriňki ýaly!

Elbetde, ähli oglanlaryň oňa gözi gidýärdi. Çünki başga hiç kimde Bobkanyňky ýaly balak ýokdy.

Bir gezek Bobka haýadyň üstüne çykdy. Şonda çüýe ilişdi-de, onuň bu üýtgeşik balagy ýyrtyldy. Ol gynanmakdan ýaňa tas aglapdy, dessine öýlerine dolanyp, ejesinden balagyny ýamap bermegini haýyş etdi.

Muňa ejesiniň gahary geldi:

– Sen indi şeýdip haýada dyrmaşyp, balagyňy ýyrtjak ýörjekmi, menem ýamaňy tikmelimi?

— Men indikide gaýtalaman! Tikip beräýsene, eje!

— Özüň tik!

— Men başaramok ahyry!

— Ýyrtmagy-ha başarypsyň, tikmegi hem başar!

— Ýeri bolýa, men şeýdip gezibererin — diýdi-de, Bobka hüňürdäp, howla çykdy.

Onuň balagynyň ýyrtygyny gören oglanlar gülüşdiler.

— Ýyrtyk balakly halyňa, sendenem bir esger bolarmy? — diýip, olar ýerli-ýerden gygyryşdylar.

Bobka bolsa özüni aklamaga durdy:

— Ejeme balagymy ýamap ber diýsem etmedi.

— Näme, esgerleriň balagyny ejeleri çatyp berýärmi? Esger boljak bolsaň, ýyrtygyňam özüň çatmaly, iligiňem özüň tikmeli.

Bobka utandy.

Ol öýlerine bardy-da, ejesinden iňňedir sapak, bir bölejik ýaşyl mata bermegini sorady. Ol matanyň ujundan hyýaryň ululygyndaky gyýkyndyny kesip aldy-da, balagyny ýamap başlady.

Eşik ýamamak ýeňil iş däl. Bobka bolsa örän howlugýardy, şonuň üçinem barmaklaryna iňňe sünjülýärdi.

— Sen näme üçin barmaklaryma sünjülýärsiň? Wah, sen ýaramaz — diýip, Bobka iňňä käýindi hem-de sünjülmez ýaly ony gaýym tutmaga synanyşdy.

Şeýde-şeýde ahyry ýama salmak işini tamamlady. Balagyň ýamalan ýeri bolsa edil guradylan kömelek ýaly güberilip durdy. Şol ýere çatylan mata çekilip, büzülip duransoň, hatda balagyň bir satany gysgalan ýaly boldy.

— Ýeri, indi bu nämä ýarar? Bu-ýa öňküsindenem beter boldy.

Gaýtadan tikmeli – diýip, Bobka balagyna esewan edip durşuna hüňürdedi.

Ol gaýçyny alyp, ýamany söküp aýyrdy. Soňra düzedişdirip, gaýtadan balagynyň üstünde goýup, ýama basjak ýerini syýa galam bilen gowy edip bellik etdi-de, gaýtadan tikmäge girişdi. Bu gezek ol howlukman, ykjam tikdi hem-de ýama güberilip durmaz ýaly, tiken ýerine irginsiz göz aýlap, ony yzarlady.

Bu iş uzaga çekdi, Bobka kä hyşşyldady, kä burnuny çekdi, käte bolsa hykgyldady. Ýöne muňa garamazdan, balagyň ykjam basylan ýamasy sygyryp seredip oturybermeli boldy. Ýama şeýlebir tekiz we berk tikilipdi welin, dişiň bilenem ýyrtyp boljak däldi.

Ahyrynda Bobka balagyny geýip, howla çykdy. Oglanlar onuň daşyna üýşdüler.

– Berekella! Serediň, ýamanyň daşy galam bilen çyzylypdyr. Şunuň özem balagyň ýamasyny Bobkanyň hut özüniň tikendigini aňladýar.

Bobka bolsa öz işini hemmeleriň göreri ýaly, pyr-pyr pyrlanyp durşuna:

– Wah, ilik tikmegem öwrenerdim welin, arman ýekeje iligimem üzülenok-da! Ýöne zyýany ýok. Irde-giçde üzüler, şonda iligimi hökman özüm tikerin – diýdi.

***Rus dilinden terjime eden Aýnabat ATAÝEWA***